# Üşte zatam

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Üşte zatam ÜŞTE ZATAM

Wähdehüw, lä şerike lehüw, şübhesiz üşte zatam,
Ýagny ki ibtidasyz zatam we hem syfatam.

Ýedi laýa, dört ene tokuz atadan bäri,
Hem du, sih, çaru penjem, uş gene şiş jihatam.

Gaýnady gün tenurym, yşk ile juşa geldi,
Gör bu tufan içinde hem Nuh hem nejatam.

Gerçi turabu suwýam magnyda eý habysa,
Bil ki iki jahanda taýýybu tahiratam.

Nuru naharu leýlem, keşfem iki ~ jahanda,
Gadra erişdim üşte, gadramu hem beratam.

Ebjedemu hijaýam, härfemu setru kätib,
Löwhemu hem mürekkeb, kilkemu hem dewatam.

Hakdan inen kelamam, ýagny ki lamu bilen,
Ylmu kitabu härfem, aýatu beýinatam.

Gerçi demi Musaýam nur ile nar içinde,
Hem bir öli direlden Isaýy mugjyzatam.

Arşu güneşu ferzu erzu semadan beru,
Yşk ile läýemutam akl ile hem haýatam.

Gör ki meni ne bährem katraýy yşk içinde,
Jezire, şettu Jeýhüwi hem Eres we Feratam.

Fagyly külli mutlak hak ileýem, hakam, hak,
Dagwyda ismi mefgul, magnyda fagylatam.

Kyblaýam hem ymamam, Kaýbaýam eý safasyz,

Sowmamu hem salatam, aýdamu hem zekatam.

Müşrik olup bu güne bakma, gel, eý, ýagynsyz
Aýaty fethi babam, suraýy murselatam.

Nesimiýem her şeýe külli muhitam muhit,
Hem bilene hel oldum, bilmeze müşkülatam.

Seýit Ymadutdin NESIMI. Goşgular